# Adam ýene haýwana öwrülermi?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Adam ýene haýwana öwrülermi? ADAM ÝENE HAÝWANA ÖWRÜLERMI?




Adam zähmet çekip adam bolupdyr,
aslynda bir añsyz haýwan ekeni,
bilimli bolupdyr ol jeññellere
ýap çekip, ýer depip, ekip ekini.
Özleşdirip uzyn derýa, giñ deñzi,
özleşdirip hatda mawy asmany.
Öwrenip suwlardan ot çykarmany,
öwrenip otlardan buz ýasamany.

adam iñ pähimli jandar bolupdyr,
ýagny, zähmet çekip bolupdyr ynsan.
(Kitaplarda şeýle diýip ýazýarlar,
Kitaplaryñ sözüne men ynanýan).

Ynsanyñ taryhy hakda oýlanyp,
berýärin özüme şu hili sowal:
Zähmet çekmän ýaşap ýören adamlar,
bir gün bir haýwana õwrüler ahmal.

Allaberdi HAÝYDOW. Goşgular